# Meniñ Symrug guşum

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Meniñ Symrug guşum MENIÑ SYMRUG GUŞUM

Köpden bäri habarym ýok guşdan,
Symrug guşuň häsýetleri bar mende.
Uçup ýör ol mydam gonarly bolup,
Köwsar berip meniň töweregimde.

Onuň ýere gonanyny gören ýok,
(Güpbasdy bolmakdan çekinýän borly?)
Özi-de her gezek gelende şeýle,
Jemleýär özünde pikirmiň barny.

Indi oňa halys öwrenşipdirnem,
Kyrk ýyl bäri men ol guşuň yşgynda.
Bir görsemem ol göterlip asmana,
Dänjiräp uçup ýör Pendiň üstünde.

Uçuber sen guşum, seni synlamak,
Meniň üçin hemme zatdan ýakymly.
(Ýada sen guö-gumryň üleşiginde,
Bir başa berilen meniň hakymmy?)

Ýöne saňa kän bir düşnüp baramok,
Gel, otur egnimde syryňy aç sen.
Günäň näme, müüýnüň näme öňümde,
Goý, menden ýamanlyk edenler gaçsyn!

Gel sen, guşum, başyn sypap bereýin,
Gel, gelerçe bolsaň sen gijä galman.
Men henizem bir gün seniň özümi
Al-asmana äkitjegňe ynanýan.

Agageldi ALLANAZAROW. Goşgular